# Bosgunlar hakynda

Category: Hukuk maslahathanasy,Kitapcy
написано kitapcy | 21 января, 2025
Bosgunlar hakynda

BOSGUNLAR HAKYNDA

Şu Kanun Türkmenistanda adamyň bosgun diýlip ykrar edilmeginiň tertibini we şertlerini hem-de onuň hukuk statusyny kesgitleýär, bosgunyň hukuklaryny goramagyň hukuk, ykdysady we durmuş kepilliklerini belleýär.

I BAP. UMUMY DÜZGÜNLER

1-nji madda. Esasy düşünjeler

Şu Kanunda aşakdaky esasy düşünjeler ulanylýar:

1) bosgun – jynsy, dine garaýşy, raýatlyk alamaty, jemgyýetiň belli bir gatlagyna degişliligi boýunça ýa-da syýasy ygtykady sebäpli yzarlamalaryň pidasy bolmakdan doly esaslandyrylan howatyrlanmalary netijesinde Türkmenistanda bolýan we öz ýurdunyň goragyndan peýdalanyp bilmeýän, ýa-da şeýle howatyrlanmalar sebäpli şeýle goragdan peýdalanmak islemeýän, ýa-da belli bir raýatlygy bolman we şeýle ýagdaýlaryň netijesinde öz öňki adaty ýaşaýan ýurdunyň çäklerinden daşarda bolmak bilen, şeýle howatyrlanmalar sebäpli oňa dolanyp baryp bilmeýän, ýa-da dolanmak islemeýän adam;

2) wagtlaýyn ýaşalýan ýer – bosgun statusynyň berilmegi hakyndaky towakganama bilen ýüz tutan adamyň we onuň maşgala agzalarynyň bolýan ýeri;

3) bosgun şahsyýetnamasy – Türkmenistanda bosgun statusy berlen adamyň şahsyýetini tassyklaýan, bellenilen nusgadaky resminama;

4) bosgunyň ýol resminamasy – bosguna Türkmenistandan

gitmegine we Türkmenistana gelmegine hukuk berýän, bellenilen nusgadaky resminama;

5) bosgun statusynyň berilmegi hakyndaky towakganamanyň hasaba alynmagy barada wagtlaýyn şahadatnama – adamyň şahsyýetini tassyklaýan hem-de bosgun statusynyň berilmegi hakyndaky towakganama garalýan döwürde adamyň Türkmenistanyň çäginde bolmagynyň kanunylygyny tassyklaýan resminama;

6) bosgun statusy – Türkmenistanda bosgun diýlip ykrar edilen adamyň Türkmenistanyň kanunçylygynda kesgitlenilen hukuk ýagdaýy.

2-nji madda. Türkmenistanyň bosgunlar hakyndaky kanunçylygy

Türkmenistanyň bosgunlar hakyndaky kanunçylygy Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, halkara hukugynyň umumy ykrar edilen ýörelgelerine we kadalaryna esaslanýar hem-de şu Kanundan we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryndan ybaratdyr.

Eger Türkmenistanyň halkara şertnamasynda şu Kanunda göz öňünde tutulandan başga kadalar bellenilen bolsa, onda halkara şertnamasynyň kadalary ulanylýar.

3-nji madda. Bosgunyň hukuklarynyň kepillikleri

1.Eger adam, öz janyna ýa-da azatlygyna howp abanan çäkden gelip, özüne bosgun statusynyň berilmegi hakynda Türkmenistanyň döwlet häkimiýet we dolandyryş, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň wekillerine gaýragoýmazdan towakganama bilen ýüz tutsa, ol Türkmenistanyň çägine bikanun girendigi we onda bikanun bolandygy üçin jogapkärçilikden boşadylýar.

2.Bosgun öz towakganamasy boýunça çözgüt kabul edilýänçä şu Kanunda göz öňünde tutulan hukuklara eýedir hem-de borçlary berjaý edýär.

3.Türkmenistanyň döwlet howpsuzlygynyň ýa-da jemgyýetçilik tertibiniň bähbitleriniň goralmagy bilen baglanyşykly bolan

halatlardan başga ýagdaýlarda bosgun öz erkiniň garşysyna terk edip gaýdan ýurduna yzyna gaýtarylyp bilinmez.

4.Döwlet häkimiýet we dolandyryş, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň we wezipeli adamlaryň bosgunyň Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen hukuklaryny kemsidýän çözgütleri we hereketleri barada ýokarda durýan edaralara ýa-da kazyýete şikaýat edilip bilner.

## II BAP. BOSGUN STATUSYNYŇ EDINILMEGI,

## ÝITIRILMEGI WE ONDAN MAHRUM EDILMEGI

### 4-nji madda. Towakganama berilmegi

1. Adam bosgun statusyny almak üçin Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugynyň edaralaryna (mundan beýläk – migrasiýa gullugynyň edaralary) towakganama bilen ýüz tutmaga borçludyr.

2. Bosgun statusynyň berilmegi hakyndaky towakganama berlen gününden, ol migrasiýa gullugynyň edarasy tarapyndan şeýle towakganamanyň hasaba alnandygy barada wagtlaýyn şahadatnamanyň berilmegi bilen hasaba alynmalydyr.

Bosgun statusynyň berilmegi hakyndaky towakganamanyň hasaba alynmagy barada wagtlaýyn şahadatnamanyň görnüşi Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy tarapyndan tassyklanylýar.

3. Bosgun statusyny almak niýeti bilen Türkmenistanyň Döwlet serhedinden bikanun geçmäge mejbur bolan adam bosgun statusynyň berilmegi hakyndaky towakganamasyny Türkmenistanyň Döwlet serhet gullugynyň degişli bölümleriniň üsti bilen migrasiýa gullugynyň edarasyna iberýär. Serhet gullugynyň ýolbaşçylygy alnan towakganamany haýal etmän migrasiýa gullugynyň edarasyna ibermäge borçludyr. Adamlar Türkmenistana gyssagly ýagdaýda köpçülikleýin gelen halatynda, olar Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde wagtlaýyn kabul edilýän nokatlarda ýerleşdirilýär, şol ýerlerde

migrasiýa gullugynyň edaralary tarapyndan hasaba alynýar we hasaba alnandygyny tassyklaýan resminama bilen üpjün edilýär.

4. Serhet gullugynyň wezipeli adamlary ýüz tutan adamlara bosgun statusyny bermegiň tertibi we şertleri barada maglumatlary bermäge borçludyrlar.

5-nji madda. Bosgun statusynyň berilmegi hakynda towakganamasy hasaba alnan adamyň hukuklary we borçlary

1. Bosgun statusynyň berilmegi hakyndaky towakganama hasaba alnandan soň, ýüz tutan adam we onuň maşgala agzalary towakganama boýunça çözgüdiň kabul edilýän döwründe aşakdaky hukuklara eýedirler:

1) bosgun statusynyň berilmegine dahylly meseleler babatda terjimeçiniň muzdsuz hyzmatlaryndan peýdalanmaga;

2) bosgun diýlip ykrar edilmeginiň tertibi, öz hukuklary we borçlary hakynda, şeýle hem şu madda laýyklykda başga maglumatlary  almaga;

3) bosgun statusynyň berilmegi hakyndaky towakganama garalýandygy barada güwä geçýän wagtlaýyn şahadatnamany almaga;

4) wagtlaýyn ýaşajak ýerine çenli mugt gitmäge we ýüküni alyp barmaga;

5) wagtlaýyn ýerleşiş nokadynda berlen ýaşaýyş jaýyndan peýdalanmaga we mugt iýmit almaga;

6) wagtlaýyn ýerleşiş nokadynda lukmançylyk kömeginden we durmuş hyzmatlaryndan mugt peýdalanmaga;

7) wagtlaýyn işe ýerleşmäge ýa-da okamaga;

8) Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda bosgun statusynyň berilmegi, şahsy emlägiň daşalmagy bilen baglanyşykly paçlary, salgytlary we ýygymlary tölemekden boşadylmaga;

9) bosgun statusynyň berilmeginiň meseleleri boýunça hukuk kömeginden mugt peýdalanmaga.

2. Bosgun statusynyň berilmegi hakynda towakganamasy hasaba alnan adam we onyň maşgala agzalary aşakdakylara borçludyrlar:

1) bosgun statusynyň berilmegi hakyndaky towakganama garaýan migrasiýa gullugynyň edarasyna şeýle towakganama seretmek üçin zerur bolan maglumatlary bermäge;

2) ýollaýyş hatynyň alynmagy bilen, wagtlaýyn ýerleşiş nokadyna gitmäge we üç iş gününiň dowamynda migrasiýa gullugynyň edarasynda hasaba durmaga;

3) wagtlaýyn ýerleşiş nokadynda ýaşamagyň Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertibini berjaý etmäge;

4) saglygy goraýyş edaralarynyň talap etmegi boýunça lukmançylyk gözegçiliginden geçmäge we olaryň tabşyryknamalaryny ýerine ýetirmäge.

6-njy madda. Bosgun statusynyň berilmegi hakyndaky towakganama garamagyň tertibi

1. Bosgun statusynyň berilmegi hakyndaky towakganama garamak towakganamanyň berlen gününden başlap üç aýyň dowamynda Türkmenistanyň Döwlet migrasiýa gullugy tarapyndan amala aşyrylýar.

2. Bosgun statusynyň berilmegi hakyndaky towakganama garamagyň netijeleri boýunça Türkmenistanyň Ministrler Kabineti bilen ylalaşylandan soň Türkmenistanyň döwlet migrasiýa gullugy aşakdaky çözgütlerden birini kabul edýär:

1) bosgun statusyny bermek hakynda;

2) bosgun statusyny bermekden ýüz döndermek hakynda.

3. Bosgun statusyny bermek hakyndaky towakganama garamagyň netijeleri Türkmenistanyň döwlet migrasiýa gullugy tarapyndan

üç iş gününiň dowamynda ýazmaça görnüşde towakganama berijiniň dykgatyna ýetirilýär.

4. Bosgun statusy berlen adama on günüň dowamynda bellenilen görnüşdäki şahsyýetnama berilýär. Bosgun statusy berlen adamyň ýüz tutmagy esasynda oňa ýol resminamasy berilýär.

5. Bosgun statusyny bermekden ýüz dönderilende towakganama bilen ýüz tutan adama ýüz dönderilmeginiň sebäpleri, şeýle hem oňa bosgun statusyny bermekden ýüz dönderilmegi hakyndaky çözgüde şikaýat etmegiň tertibi we möhleti barada habar berilýär.

7-nji madda. Bosgun statusynyň berilmeýän şertleri

Özi babatda şu aşakdakylary çak etmäge düýpli esaslar bolan adama bosgun statusy berilmeýär, ýagny eger ol:

1) parahatçylyga garşy jenaýat, harby jenaýat ýa-da şeýle jenaýatlar babatda çäreler görmek maksady bilen düzülen halkara namalarynda şol etmişlere çäre görmek üçin berlen kesgitlemede görkezilen jenaýaty adamzadyň garşysyna eden bolsa;

2) bosgun hökmünde Türkmenistana goýberilmezinden öň Türkmenistanyň çäginden daşarda syýasy häsiýeti bolmadyk agyr jenaýaty eden bolsa;

3) Birleşen Milletler Guramasynyň maksatlaryna we ýörelgelerine ters gelýän hereketleri amala aşyrmakda günäkär bolsa.

Bosgun statusy şeýle hem şu ýagdaýlarda berilmeýär:

1) onuň ýaşaýan döwletiniň ygtyýarly häkimiýet edaralary tarapyndan şol döwletiň raýatlygy bilen baglanyşykly hukuklar we borçlar ykrar we üpjün edilýän bolsa;

2) ol Türkmenistana gelmezinden öň bolan döwletinde bellenilen tertipde gaçybatalga alyp biljek ýa-da bosgun statusyny

resmileşdirip biljek bolsa, ýa-da oňa gaçybatalga berlen bolsa.

8-nji madda. Maşgalanyň bütewiligi ýörelgesi

Eger maşgala agzalarynyň biri şu Kanunda bellenilen tertipde bosgun statusyny alan bolsa, onuň maşgala agzalary hem maşgalanyň bütewiligi ýörelgesine laýyklykda bosgun statusyny alýarlar.

Maşgalanyň her bir agzasy beýleki agzalaryndan aýratynlykda bosgun statusynyň berilmegi hakynda towakganama berip biler.

9-njy madda. Bosgun statusynyň ýitirilmegi we ondan mahrum edilmegi

1. Adam bosgun statusyny şu ýagdaýlarda ýitirýär, eger ol:

1) özüniň raýatlygy degişli bolan ýurdunyň goragyndan meýletin gaýtadan peýdalanan bolsa, ýa-da

2) öz raýatlygyndan mahrum bolup, ony ýene-de meýletin edinen bolsa, ýa-da

3) täze raýatlygy edinen bolsa we öz täze raýatlygyny alan döwletiniň goragyndan peýdalanýan bolsa, ýa-da

4) yzarlanmadan howatyrlanmalar netijesinde terk edip ýa-da öz ýurdunyň çäklerinden daşarda bolup, soňra öz terk edip gaýdan ýurdunda ýene-de ornaşan bolsa, ýa-da

5) özüniň raýatlygy degişli bolan ýurdunyň goragyndan peýdalanmakdan mundan beýläk ýüz öwrüp bilmese ýa-da onuň bosgun diýlip ykrar edilen ýagdaýlary mundan beýläk bolmasa.

2. Adam bosgun statusyndan şu ýagdaýlarda mahrum edilýär, eger ol:

1) göz-görtele ýalan maglumatlary ýa-da galp resminamalary bermegi netijesinde bosgun statusyny edinen bolsa;

2) Türkmenistanyň döwlet howpsuzlygyna ýa-da jemgyýetçilik tertibine howp salýan işe gatnaşýan bolsa;

3) Birleşen Milletler Guramasynyň maksatlaryna we ýörelgelerine ters gelýän işe gatnaşýan bolsa.

3. Bosgun statusyndan mahrum etmek hakyndaky çözgüt şu maddada görkezilen esaslaryň we şikaýat etmegiň tertibiniň görkezilmegi bilen on gün möhletde ýazmaça görnüşde bosgun statusyndan mahrum edilen adamyň dykgatyna ýetirilýär.

10-njy madda. Bosgun statusynyň berilmeginden ýüz döndermek ýa-da bosgun statusynyň berilmegi hakynda öň çykarylan kararyň ýatyrylmagy baradaky çözgüde şikaýat etmek

Bosgun statusynyň berilmeginden ýüz döndermek ýa-da bosgun statusynyň berilmegi hakynda öň çykarylan karary ýatyrmak baradaky çözgüde şeýle çözgüt alnan gününden başlap, bir aý möhletde kazyýete şikaýat edilip bilner.

III BAP. BOSGUNYŇ HUKUK STATUSY

11-nji madda. Bosgunyň hukuklary

1. Bosgun statusy berlen adam Türkmenistanyň kadalaşdyryjy hukuk namalarynda bellenilen çäklerde, Türkmenistanyň raýatlarynyňky ýaly hukuklardan we azatlyklardan peýdalanýar hem-de borçlary berjaý edýär.

2. Bosgun statusy berlen adam şu aşakdaky hukuklardan peýdalanýar:

1) ilatly ýerleriň hödürlenen sanawyndan ýaşajak ýerini saýlamaga;

2) öz garyndaşlarynyň ýanynda olaryň razylygy bilen ýaşajak ýerini saýlamaga;

3) daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk adamlar hakynda Türkmenistanyň kanunçylygy tarapyndan göz öňünde tutulan

şertlerde zähmet çekmäge, emläk edinmäge;

4) bilim almaga;

5) medeniýetiň gazananlaryndan peýdalanmaga;

6) dini dessurlary erkin ýerine ýetirmäge;

7) degişli edaralaryň ýardam etmeginde öz ýurdunda ýaşaýan garyndaşlary hakynda we şol ýerde galdyrylan emlägi hakynda habar almaga;

8) Türkmenistanyň çäginde onuň özi bilen getiren emlägini, şeýle hem oňa ýaşamak üçin girmäge hukuk berlen başga ýurda gazanan emlägini alyp gitmäge;

9) öz öňki ýaşaýan ýurduna meýletin dolanyp barmaga ýa-da islendik üçünji ýurda göçüp gitmäge;

10) at-abraýyna, mertebesine we azatlygyna, janyna we saglygyna, ýaşaýan jaýyna, şeýle hem emläk hem-de emläk däl şahsy hukuklarynyň kazyýet goragyna;

11) Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde Türkmenistanyň raýatlygyny edinmäge.

12-nji madda. Bosgunyň borçlary

Bosgun Türkmenistanyň Konstitusiýasyny, şu Kanuny we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryny berjaý etmäge, döwlet edaralarynyň we wezipeli adamlaryň kanuny talaplaryny ýerine ýetirmäge, Türkmenistanyň halkynyň milli däp-dessurlaryny hormatlamaga borçludyr.

IV BAP. JEMLEÝJI DÜZGÜNLER

13-nji madda. Döwlet häkimiýet we dolandyryş, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň bosgun babatda borçlary

Döwlet häkimiýet we dolandyryş, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary aşakdakylara borçludyrlar:

1) Türkmenistanyň Ministrler Kabineti tarapyndan kesgitlenilýän we ýaşamak üçin maslahat berilýän ilatly ýerleriň sanawyny hem-de bu ilatly ýerlerde ýaşamagyň şertleri we işe ýerleşmegiň mümkinçilikleri hakynda bosguna habar bermäge;

2) migrasiýa gullugynyň edarasynyň ýollaýyş haty boýunça ýaşajak ýerine gelen bosguna wagtlaýyn ýaşaýyş jaý bermäge;

3) bosgunyň ýaşaýyş jaý kooperatiwine girmegine, ýer bölegini we gurluşyk materiallaryny almagyny hem goşmak bilen, hususy ýaşaýyş jaý gurluşygyna ýardam etmäge;

4) bosguna işe ýerleşmäge ýardam bermäge, zerur halatynda hünär taýýarlygyna, hünärini ýokarlandyrmagyna we gaýtadan taýýarlanmagyna oňa mümkinçilik döretmäge;

5) ilkinji nobatda hemişelik gözegçilige mätäç bolan ýeke ýaşaýan garry we maýyp bosgunlary ilaty durmuş taýdan goramak edaralaryna ýerleşdirmäge;

6) bosgunyň çagalarynyň mekdebe çenli çagalar edaralaryna we umumybilim berýän edaralara ýerleşmegine ýardam etmäge;

7) bosguny Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda lukmançylyk kömegi we derman serişdeleri bilen üpjün etmäge;

8) bosguna onuň haýyşy boýunça öz öňki hemişelik ýaşaýan ýurduna dolanyp barmagyna ýardam etmäge.

14-nji madda. Bosgunlara kömek gaznasy

1. Bosgunlaryň Türkmenistanyň çäginde bolmagy bilen baglanyşykly olara amatly maddy şertleri döretmek we çykdajylarynyň öwezini doldurmak maksady bilen Bosgunlara kömek gaznasy döredilýär. Bosgunlara kömek gaznasynyň serişdeleriniň peýdalanylmagy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde amala aşyrylýar.

2. Gazna Türkmenistanyň baglaşýan şertnamalary we ylalaşyklary

esasynda daşary ýurt döwletlerinden we halkara guramalaryndan alynýan serişdeleriň, ýurdumyzyň we daşary ýurtlaryň kärhanalaryndan, guramalaryndan, jemgyýetçilik birleşiklerinden, aýratyn adamlardan gelýän meýletin haýyr-yhsanlardan, şeýle hem Türkmenistanyň Prezidenti tarapyndan kesgitlenilýän beýleki çeşmelerden emele gelýär.

15-nji madda. Bosgunlaryň kabul edilmegi we ýerleşdirilmegi bilen baglanyşykly çykdajylaryň öwezini dolmagyň çeşmesi

1. Bosgunlaryň Türkmenistanyň çäginde kabul edilmegi we ýerleşdirilmegi bilen baglanyşykly çykdajylaryň öwezi Bosgunlara kömek gaznasynyň hasabyna dolunýar.

2. Türkmenistanyň bosgunlary kabul etmek we ýerleşdirmek bilen baglanyşykly çykdajylarynyň öwezini dolmagyň meseleleri Türkmenistanyň daşary ýurt döwletleri we halkara guramalary bilen baglaşýan şertnamalary esasynda çözülýär.

16-njy madda. Bosgun statusynyň berilmegi we togtadylmagy babatdaky işlere daşary ýurt döwletleriniň we bosgunlaryň işleri baradaky halkara guramalarynyň gatnaşmagy

1. Türkmenistan bosgunlar bilen baglanyşykly meseleleri çözmekde halkara hyzmatdaşlygyny daşary ýurt döwletleri, Birleşen Milletler Guramasynyň Bosgunlaryň işleri baradaky Ýokary Komissarynyň müdirligi we beýleki halkara guramalary bilen amala aşyrýar.

2. Bosgunlaryň işleri baradaky halkara guramalary ähli şahsy işler bilen doly tanyşmaga hukugy bolan synçylar hökmünde bosgun statusyny bermek we togtatmak babatdaky işlere gatnaşýarlar.

3. Bosgunlaryň işleri baradaky halkara guramasynyň synçysy bosgun statusyny bermek hakyndaky towakganama garalmagyna gatnaşmaga we anyk işler boýunça, şeýle hem bosgunlaryň hukuklarynyň berjaý edilmeginiň meseleleri boýunça pikirini aýtmaga haklydyr.

17-nji madda. Şu Kanunyň bozulandygy üçin jogapkärçilik

Şu Kanunyň bozulmagy Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde jogapkärçilige eltýär.

18-nji madda. Şu Kanunyň güýje girmegi

1. Şu Kanun resmi taýdan çap edilen gününden güýje girýär.

2. Şu aşakdakylary güýjüni ýitiren diýip hasap etmeli:

1) 1997-nji ýylyň 12-nji iýunynda kabul edilen "Bosgunlar hakynda" Türkmenistanyň Kanunyny (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 1997 ý., N"2, 18-nji madda);

2) 2011-nji ýylyň 1-nji oktýabrynda kabul edilen "Bosgunlar hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek hakynda" Türkmenistanyň Kanunyny (Türkmenistanyň Mejlisiniň Maglumatlary, 2011 ý., N"4, 83-nji madda).

Türkmenistanyň Prezidenti,
Gurbanguly Berdimuhamedow.

Aşgabat şäheri.
2012-nji ýylyň 4-nji awgusty.

Hukuk maslahathanasy